# Ýaşuly gelýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýaşuly gelýär ÝAŞULY GELÝÄR



Adaty köçeden barýaryn işe,
Töweregmi synlap haýrana galýan.
Ýapjagazlar suwly, ýollaram tämiz,
Gyzyl baýdajyklar şemala galgap,
Mysaly täzeden gelen dek bahar.
Baýramçylyk lybasyna bürenip,
Ömür görmedigni görüpdir şäher,
Agaçlañ başynyñ çañy sowlupdyr

Guşlaryñ owazy asmana galýar,
Adamlaram gürleşýärler pyşyrdap
Nämemiş, «ýokardan ýaşuly gelýär»
Öñünde bäş maşyn, yzynda bäşi,
Ortaky «Çaýkada» otyr «arzyly»,
(Bolsa ýañy ellä ýetendir ýaşy)
Ho-ol añyrda bolsa, köçäni kesip,
Geçip barýar eli hasaly goja.
Milisioner ýigit ylgap ýetişdi.
– Aýryl-ow, ýaşuly ýapyk dur köçe!
– Näme ýapyk oglum? – eşdilýär çala.
Öwrüldi, gözünden äýnegi gaçýar,
– Hany, bahymrajyk göteril goja,
Bu ýerden «iñ uly ýaşuly geçýär».
Oba barýan, giñ meýdanda haýdap ýör,
Eziz daýhan, kemal tapan kesbiñe,
Wepaly sen: – Eger wagtyñyz bolsa,
Interwýu aljak, ýaýjak waspyñyz.
– Niýetiñ-ä gowy. Ýöne şu mahal,
Interwýu diýeniñ, artykmaç bolar.
Ýol gyradaky atyzlary bejerýäs,
Görýäñ-ä «ýokardan ýaşuly gelýär».
Bagyñ ortasynda meýdan düşelge,
Düşelgäñ öñünde uly serhowuz.
– Kolhozçylañ dynç alşyny synlaly,
– Päheý inim, senem işi gutaran,
Hany beýdip durma, bir ýana sowul,
Kolhozçylar nahar-şamyñ ugrunda,
Ojaklañ tüssesi asmana galýar.
Brigadir dillenýär: «Bagyşla inim»,
Günortan bu ýerik «ýaşuly gelýär».
Düşelgeden soñ klubda «ýaşuly»,
Bogazyny ölläp, sözleýär nutuk.
Başlyk çykyş edýär: – Täze borçnama…
Zalda göge galýar hyşy-wyşylar.
– Munyñ näme, öñki planam ýetik
Ýygnakdan soñ iki gojañ birisi,
– Sakgaldaş diýýän-ä, – nasyny atýar.
– Şeýdip ýaşulylar tiz-tizden gelse,
Ýoluñ çañyna-ha täsiri ýetýär.
Toýly ÖWEZOW. Goşgular